# Putin we dollaryñ ýaraglaşdyrylmagy

Category: Kitapcy,Maliýe we ykdysadyýet
написано kitapcy | 26 января, 2025
Putin we dollaryñ ýaraglaşdyrylmagy PUTIN we DOLLARYÑ ÝARAGLAŞDYRYLMAGY




*Dollaryñ ýaraga öwrülmegi ABŞ-nyñ we smerikan kanunlarynyñ, syýasatynyñ gurşawyny regional çäkleriniñ añyrsyna giñeltmek üçin walýuta birliginiñ häkimiýetinden peýdalanýandygynyñ aýdyñ subutnamasydyr*

Russiýanyñ prezidenti Wladimir Putin «X» platformasynda Taker Karlson bilen Russiýa-Ukraina uruşy boýunça dürli meseleleriñ üstünde iki sagatlap pikir alyşdy.

Ol taryhy nutuk bilen sözüne başlady, ykdysadyýet hakda aýtdy, yzyndan amerikan prezidentleriniñ we ABŞ-nyñ garşysyndaky pozisiýalary hakda pikir alyşdy.

Putin gürrüñdeşligiñ dowamynda Russiýanyñ ykdysady ýagdaýyna buýsanýandygyny gizläp durmady.

Ol Günbataryñ rus ykdysadyýetini paltalamaga gönükdiren ähli synanyşyklarynyñ şowsuz gutarandygyna begenýärdi we muny aýtmak bilen ABŞ-nyñ prezidenti Jo Baýdeniñ rus

ykdysadyýetiniñ «ezilendigini» aýdýan çykyşyny göz öñüne tutýardy.
Emma Putin has möhüm bir meseläniñ üstünde durup geçdi: ABŞ-nyñ dollary ýarag hökmünde ulanýandygy ýa-da «dollary ýaraglaşdyrýandygy» diýilýän ýagdaý.
Putiniñ by syýasat hakdaky garaýşy nähilidi? Onuñ bu boýunça ykdysady we syýasy pikirleri nämeler?
Ilki bilen «dollaryñ ýaraglaşdyrylmagy», ýagny syýasy peýdalary gazanmak üçin gural hökmünde ulanylmagy añladýar we bu ýagdaýda dollaryñ, dollar bilen baglanyşykly töleg geçiriş sistemasynyñ (SWIFT) ýaraga öwrülmegini görkezýär.
Dollaryñ ýaraga öwrülmegi ABŞ-nyñ we smerikan kanunlarynyñ, syýasatynyñ gurşawyny regional çäkleriniñ añyrsyna giñeltmek üçin walýuta birliginiñ häkimiýetinden peýdalanýandygynyñ aýdyñ subutnamasydyr.
Bu syýasat duñe Baýdene degişli däl. Tramp hem Eýrana şuña meñzeş sanksiýalar girizip, mundan öñ käbir hemleleri edipdi. Diñe şulam şeýle syýasatyñ bir prezidentiñ ýa-da partiýanyñ däl-de, döwletiñ boýnuna ýüklenendigini añladýar.




ABŞ has öňem «ylymyň we tehnologiýanyň ýaraga öwrülmegi» diýlip bilinýän wakada Hytaýdan käbir tehnologiýalary almagy gadagan edende, şolar ýaly ýaraglary ulanypdy.

Uzaga çeken gürrüňdeşlikde, Putin ABŞ-nyň dollary özüne garşy ýarag hökmünde ulanma taktikasyny «akmaklyk we uly strategiki ýalňyşlyk» hasaplady.

Mundan öň ol ABŞ-nyň «özüni saklap oturan eli dişländigini» aýdyp, ABŞ-nyň töwereginde aýlanýan sistema bolan ynamy gaçyrandygyny nygtapdy.

Putiniň aýtmak isleýän zady, uzak wagtlaýyn dollaryň ýaraglandyrylmagyndan iň uly zyýany ABŞ-nyň özüniň görendigidi we ABŞ-nyb global güýjüniň esasy sütüni bolan pul birligini paltalanlygydy. Putin birnäçe mysal bermek arkaly sözüni delillendirdi.

Birinji mysal öz ýurdundady. Ol 2022-nji ýyla çenli rus translýasiýalarynyň 80%-e golaýynyň amerikan dollary we euro bolandygyny mälim etdi.

Şol mahallar dollar Russiýa bilen (ABŞ-nyň daşyndaky) beýleki

ýurtlaryň arasyndaky translýasiýalary ýarsyna golaýyny düzýärdi. Bu görkeziji edil häzir 50%-den 13%-e çenli pese düşdi.
Uruşdan öň hytaý ýuany bilen edilen söwda 3%-denem azdy, häzir bolsa 34%-denem köp we rus rubly bilen edilen söwda deňleşdi.
Putin Russiýany bu öwrülişige itereniň ABŞ-dygyny, gürrüňi gidýän öwrülişige garamazdan Russiýanyň geçen döwürde ykdysady taýdan zyýan çekmändigini, tersine halkara guramalar tarapyndanam hasaba alynyşy ýaly ykdysady mümkinçiliginiň «G7» ýurtlaryndan has gowudygyny nygtady.
Putin ABŞ-nyň «dollaryň ýaraglaşdyrylmagy» syýasatyndan zyýan çekendigine degişli birnäçe ýurduň dollara garaşlylygyny azaltmak üçin rezerwlerini berkitmäge synanyşmagy we Hytaýa nebiti dollaryň ýerine ýuandan saymagy ýaly başga mysallaram bardy.



Bu diňe Putiniň pikiri däl. Garward, Prinston, Berkli, Ýel, Stanford we ABŞ-nyň abraýly beýleki ýokary okuw jaýlaryndan jemi iki müň ykdysatçynyň gatnaşan pikir soralşygynda gatnaşyjylaryň 16%-i «dollaryň ýaraglaşdyrylmagynyň» ýurtlary

dollardan daşlaşdyryp biljekdigini aýtdy. 42%-i bu syýasatyň täsirini bilmeýändigini aýtsa, 28%-i bu üýtgeşmäniň bolmajakdygyny çak etdi.
Edil häzir dollaryň alternatiwasy ýok. Emma Russiýa mysalynda bolşy ýaly käbir ýurtlar kynçylyk çekiberse, alternatiwanyň gözlegine çykyp biler.
Käbir bankirler Russiýanyň şeýdip jezalandyrylmagyny maliýe taryhynda öwrülişik sepgidi hökmünde baha berdi.
Bu sanskiýalar ABŞ-ny garşydaşlaryna beýleki walýuta birliklerini ulanmaga başlamagy üçin täze synanyşyklara iterdi.
Hytaý, Hindistan, Braziliýa ýaly beýleki ýurtlaram eýýämden BRICS toparymyň üsti bilen alternatiwanyň gözlegine çykdylar.
Hatda Fransiýanyň prezidenti Emmanuel Makronyň özem Ýewropa amerikan dollarynyň regional agalygyna bolan garaşlylygyny çäklendirmäge çagyrdy!
Dollaryň ýaraglaşdyrylmagy syýasaty käbir ýurtlary alternatiwa bolmandygy üçin dollar ulanmaga mejbur etse, ykdysady agyrlygy bolan beýleii ýurtlary bolsa alternatiwa gözlemäge iterdi.
Bu ýurtlaryň käbirleri ABŞ-nyň ýarany. ABŞ-nyň ýeke-täk ýapyşalgasy edil häzie dollaryň ýerini dolduryp biljek alternatiwanyň ýoklugydyr.
Munuň özi sterlingiň onlarça ýyllap agalyk eden we ondanam öň birnäçe pul birliginiň we ykdysady sistemanyň agalyk eden taryhynyň şowsuzlyga uçran lotoreýasydyr.
Häzir sifrowoý pul birlikleri taýdan hödürlenen tehniki çözgütler söwda alyş-çalşy üçin gyýtaklaýynam bolsa dollara bolan mätäçligiň ýerini doldurjak çözgütleri döredip biler.
Ýogsa-da, dollar hökmürowanlygynyň soňy ABŞ-nyň öz elinden bolaýarmyka?
Abdylla RADDADI,
Saud Arabystanly žurnalist, ykdysatçy hünärmen.

Sişenbe, 13.02.2024 ý. Maliýe we ykdysadyýet